Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## 2. INÇE WE ÝOGYN ÇEKİMLİLER

**8-nji gönükme.** Hekayany okaň we has gara ýazylan sözlerdäki çekimli sesleri, olaryň nähili çekimlilerdigini aýdyň.

Meniň **ömründe** ilkinji gezek mekdep **gapysyndan** ätleýşimdi. Ol wagtlar maňa hemme zat geňdi. **Äpişgäniň** ýagtysyna ýalpyldap duran klas tagtasy-da, mugallmyň aýdýan
sözieri-de, hatda jaň sesi-de meniň üçin täzelikdi. Bir gezek mugallym klasa **goltugy** doly kitaply geldi. Ol kitaplary bize paýlamaga başlady. Her **okuwçy** özüne berlen kitaby **işdämenlik** bilen agtaryşdyrýardy. Men hem onuň daşynda, içinde nämeleriň bardygyny görüp başladym.

(A.Gıırbanow. <<Çigildem güli>>)

Hekaýany mazmunyna laýyklykda iki bölege bölüň we olaryň hersine degişli sözbaşy goýuň.

* * * *

**9-nji gönükme.** Sözleri okaň we olardaky çekimlileri depderiňize göçüriň.

1. Bäş, böl, gül, iş, ek. 2. Dag, bol, güm, gyz.

**N U S G A:** l. Ä, ö...

2. A, o…

Çekimli sesler haýsylar? Ýogyn we inçe çekimlileri aýdyň. Sözleriň birinji bognunda ýogyn ya-da inçe çekimli bolsa, olaryň soňky bogunlarynda nähili çekimli ýazylýar? inçe we ýogyn çekimlileriň ýazuwdaky sazlaşygyny ýadyňyza salyň.

* * * *

**10-nji gönükme.** Hekayajygy okaň we göçüriň. Birinji we soňky sözlemlerdäki inçe çekimlili sözleriň aşagyna bir çyzyk, ýogyn çekimlili sözleriň aşagyna iki çyzyk çyzyň.

Gadym zamanda bir är-aýal ýaşapdyr. Bularyň iki çagasy bar eken. Gyzjagazlarynyň ady Aýnajyk, oguljyklarynyň ady Aýlyjyk. Aýnajyk on, Aýlyjyk bolsa üç yaşynda eken. Ene-atalary çagalaryny çäksiz eý görüpdirler.

Zaman, eý sözleriniň manysyny düşündiriň we depderiňize ýazyň.

Turkmenkultur.com